Kelemesini bilmeýän kişi musulmanmy?

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

Sorag: Esselämu aleýkum. Men size bir soragym bar. Kelemesini bilmeýän kişi musulmanmy? Köp kişi kelemesini bilenok özlerinede musulman men diýýär! Şol dogrumy?

Jogap:

Waleýkum esseläm we rahmetullahi we barakatuh

Kelimesini bilmeýän kişi özüne musulman diýsede musulman däldir, kapyrdyr. Musulmanlyk atadan ogla geçýän zat däldir. Yslam dindir we bu diniň iman edilmeli esaslary we şertleri bardyr. We amal edilmeli ybadatlary bardyr.

Meşhur Jibril hadysynda, Jebraýyl perişde Pygamberimizden (sallallahu aleýhi we sellem) Yslam näme diýip soranda Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem): **"Yslam bir Allahdan başga hak ilähyň ýoklugyna we Muhammediň (sallallahu aleýhi we sellem) Allahyň Resulydygyna şaýatlyk etmek, namaz kylmak, zekat bermek, oraza tutmak we başarsañ haja gitmek"** diýip, jogap berýär.

Salamat boluň!